***Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Waşington şäherinde ýerleşýän Jon Kennedi adyndaky Ýerine ýetirijilik sungaty merkezinde «Merkezi Aziýa — Amerikanyň Birleşen Ştatlary» hyzmatdaşlyk formatynyň döredilmeginiň 10 ýyllygy mynasybetli işewürlik maslahaty geçirildi. Ýokary derejede guralan bu çäre Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we ABŞ-nyň hemmetaraplaýyn gatnaşyklary, hususan-da, söwda-ykdysady, maýa goýum ýaly strategik taýdan ähmiýetli ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga berk ygrarlydygyny görkezdi.***

Forumyň açylyş dabarasynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Hökümetiniň wekilleri Merkezi Aziýa bilen özara hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýan durnukly hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhüm ähmiýetini bellediler. “Üstünligiň taryhy: ABŞ bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky işewürlik mümkinçiliklerini ösdürmegiň usullary” ady bilen geçirilen plenar mejlisde ABŞ-nyň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň kompaniýalarynyň wekilleri iri maýa goýum, täjirçilik taslamalaryny durmuşa geçirmekde tejribelerini paýlaşyp, “C5+1” formatynyň artykmaçlyklarynyň netijeli ulanylmagynyň ägirt uly täze mümkinçilikleri açýandygyny nygtadylar.

Forum “ABŞ bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky daşamalaryň ugurlaryny ösdürmek”, “Emeli aňyň mümkinçiliklerini ulanmak”, “Sanly ykdysadyýet arkaly özara baglanyşyk”, “Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna nädip maýa goýum goýmaly?”, “Merkezi Aziýa nädip maýa goýum goýmaly?” atly ugurdaş mejlislerde dowam etdi..

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026